ÝHHG

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy

# ADATY OK-DÄRILERIŇ ÄTIÝAÇLYKLARY BARADA ÝHHG-niň RESMINAMASY

Bellik: Şu resminama 2003-nji ýylyň 19-njy noýabrynda ÝHHG-niň Howpsuzlyk hyzmatdaşlygy forumynyň 407-nji umumy mejlisinde kabul edildi (ser. FSCJOUR/413).

FSC.DOC/1/03
2003-nji ýylyň 19 noýabry

TÜRKMEN DILINDE
Asyl nusgasy: IŇLIS DILINDE

FSCRW420

# MAZMUNY


Sah.

SÖZBAŞY ........................................................................................ 1
I. Umumy ýörelgeler........................................................................ 2
II. Adaty ok därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň kategoriýalary ........................................................................................ 3
III. Artykmaçlyklaryň barlygyny görkezijiler ..................................... 3
IV. Ätiýaçlyklary dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek ........................................................................................ 4
V. Zerurlyklara we kömege degişlilikde aýdyňlyk ........................... 5
A) Ýüz tutýan döwlet tarapyndan berilýän maglumat........................... 5
B) Kömegi/donor goldawyny berýän döwlet tarapyndan berilýän maglumat ........................................................................................ 6
VI. Kömegiň göwrümi we prosedurasy........................................... 6
A) Kömegiň göwrümi ........................................................................ 6
B) Prosedura ........................................................................................ 8
VII. Jemleýji düzgünler ..................................................................... 10
Goşundy I: Soraýan döwlet üçin sowalnama
Goşundy II: Kömegi/donor goldawyny berýän döwlet üçin sowalnama
Goşundy III: Şekillendirme: kömek bermek hakynda ýüztutma garamagyň prosedurasy

## ADATY OK-DÄRILERIŇ ÄTIÝAÇLYKLARY BARADA ÝHHG-niň RESMINAMASY

### ÝHHG-y sebitindäki adaty ok-därileriniň artykmaç ätiýaçlyklarynyň we ýok edilmegine garaşylýan partlaýjy enjamlaryň bar bolandygy bilen bagly howpsuzlyga bolan töwekgelçilik

**Sözbaşy**

1. Ýewropadaky Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) agza döwletleri:

2. Geljekki hereketlerinde Howpsuzlyk boýunça Hyzmatdaşlyk Forumynyň (HHF) ýaraglara gözegçilik etmek üçin konseptual esas we esasanam ýaragsyzlanmak, ynam we howpsuzlyk berkitmek ýaly ÝHHG sebitinde howpsuzlyk zerurlyklaryny kanagatlandyrmagy dowam etdirmek baradaky 8/96 belgili kararynyň mazmunyna esaslanmak niýetini gaýtadan tassyklamak bilen,

3. Ýeňil ýaraglaryň we atyjy ýaraglaryň ätiýaçlyklaryny dolandyrmak bilen baglanyşykly kadalar, ýörelgeler we çäreler meselesiniň ÝHHG-niň ýeňil ýaraglar we atyjy ýaraglar baradaky Resminamasynda ýeterlik derejede çözülendigini ykrar edip,

4. ÝHHG sebitinde ýok edilmegine garaşylýan artykmaç ätiýaçlyklar we / ýa-da adaty ok-därileriň we partlaýjy enjamlaryň barlygy bilen bagly howplary we kynçylyklaryň ykrar edip,

5. HHF-nyň 2002-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky 18/02 belgili kararyna hem-de Portoda ministrler geňeşiniň şeýle ätiýaçlyklaryň bolmagy bilen baglanyşykly howplar barada Jarnamasynyň 13-nji bölümine salgylanmak bilen,

6. 2003-nji ýylyň 27-28-nji maýynda Wenada geçirilen bu mesele boýunça HHF seminarynda bolup geçen ara alyp maslahatlaşmalary ýada salyp,

7. Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň özüne mahsus bolan howpsuzlyga degişli ählitaraplaýyn usulylyň çäklerinde, bu ugurda bar bolan halkara mehanizmleriniň ýa-da başlangyçlarynyň gaýtalanmagyndan gaça durup, netijeli goşant goşmagynyň zerurdygyny nygtamak bilen,

8. Adaty ok-däri, partlaýjy maddalar we partlaýjy enjamlaryň artykmaçlyklary barada meýletin maglumat alyşmak arkaly aç-açanlygy ýokarlandyrmaga ymtylyp,

9. Agza döwletleri, olaryň haýyşy boýunça howply adaty ok-däri, partlaýjy maddalar we/ýa-da partlaýjy enjamlaryň çäginde ýüze çykýan ýagdaýlara baha bermegi ýeňilleşdirmek üçin döredilen prosedura bilen üpjün etmegiň we halkara

üpjünçiliginiň esasyny goýmak üçin işlenip düzülen prosedura bilen üpjün etmekligiň; bu howpuň öňüni almakda halkara derejesindäki kömegi (tehniki, işgärler we/ýa-da maliýe) bermek üçin esas döretmekligiň netijeliligini ykrar edip,

10. Şeýle hem, ÝHHG-niň ýerlerdäki amallarynyň kabul ediji döwletleriň we ýardam berýän/donor kömegini berýän döwletleriň tagallalaryna kömek etmekde, ätiýaçlyklary dolandyrmak bilen bagly meseleleri çözmekde, ätiýaçlyklary howpsuzlygyny üpjün etmekde we artykmaç we /ýa-da ýok edilmegine garaşylýan adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýjy enjamlaryň barlygy bilen bagly töwekgelçiliklere baha bermekdäki ornuny ykrar edip,

11. Indiki bölümlerde görkezilen umumy ýörelgeleri we proseduralary kabul etmek we ulanmak kararyna geldi.

**Bölüm I. Umumy ýörelgeler**

12. Agza döwletler ÝHHG sebitindäki käbir döwletlerde artykmaç ätiýaçlyklaryň we/ýa-da ýok edilmegine garaşylýan adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýjy enjamlaryň barlygy bilen baglanyşykly howpsuzlyga degişli töwekgelçiligiň, şol sanda fiziki töwekgelçiligiň bardygyny ykrar edýärler. Bu töwekgelçilik ýerli ilat we daşky gurşaw üçin, şeýle hem olaryň bikanun dolanmagynyň, gözegçiliksiz ýaýramagynyň we esasan hem terrorçylaryň we beýleki jenaýatçy toparlaryň eline düşmek mümkinçiligini nazara alyp, ÝHHG-na gatnaşýan döwletleriň howpsuzlygy üçin hem ýaramaz netijelere getirip biler.

13. Hyzmatdaşlyga esaslanýan ÝHHG-da kabul edilen howpsuzlyk konsepsiýasyny durmuşa geçirip we beýleki halkara forumlar bilen bilelikde hereket edip, agza döwletler, şeýle ätiýaçlyklaryň ýok edilmegine we/ýa-da ätiýaçlyklary dolandyrmak tejribesiniň kämilleşdirilmegi we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek arkaly iň pes bolan administratiw agramy ulanyp bu töwekgelçilige garşy durmak boýunça praktiki proseduranу kesgitlemek kararyna geldiler. Şeýle prosedura, ÝHHG sebitinde ynamy berkitmäge, howpsuzlygy we aç-açanlygy ösdürmäge kömek eder.

14. Agza döwletler öz ýurtlaryndaky adaty ok-däri, partlaýjy maddalar we partlaýjy enjamlaryň ätiýaçlyklary babatynda we degişli artykmaçlyklary ýüze çykarmakda we azaltmakda esasy jogapkärçiliklerine göz ýetirýärler. Bu başlangyjyň esasy maksatlarynyň biri, agza döwletlere uzak möhletleýin döwürde şeýle anyk meseleleri özbaşdak çözmäge mümkinçilik bermek üçin milli mümkinçilikleri güýçlendirmek bolup durýar. Şeýle-de bolsa, bu ýörelge beýleki döwletleriň olara kömek bermek boýunça haýyşlaryny haýal etmän gözden geçirmäge taýýarlygyny gowşatmagy aňlatmaýar.

15. Agza döwletler kömegiň meýletin esasda talap ediljekdigi we beriljekdigi bilen ylalaşýarlar. ÝHHG diňe agza döwletlerden kömek soramak baradaky anyk

haýyşa jogap hökmünde çäre görüp biler, haçan-da bu haýyş öz çägindäki ätiýaçlyklara degişli bolup duranda. Agza döwletler degişli artykmaçlyklaryň durnukly gorap saklamagyny üpjün etmek we/ýa-da ýok etmek bilen bagly jogapkärçiliginiň haýyş bilen ýüz tutýan döwletiň jogapkärdigini ykrar edýärler. Kömekiň mazmuny we gerimi haýsy-da bolsa agza döwlet tarapyndan her bir edilen ýüz tutma degişlilikde, kömek edýän/donor ýardamyny berýän döwletler bilen häýyş edýän döwletleriň arasyndaky degişli geňeşmelerden soň aýratynlykda kesgitlener.

## Bölüm II. Adaty ok därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň kategoriýalary

16. Agza döwletler artykmaç we/ýa-da ýok edilmegine garaşylýan adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklaryna degişli çäreleriň geriminiň mümkin boldugyça giň bolmalydygy bilen ylalaşýarlar. Bu resminamada gury ýerde, howada we deňizde ýerleşýän ýarag ulgamlary üçin adaty ok-därilere, partlaýjy maddalara we partlaýan enjamlara seredilýar. Köpçülikleýin gyryş ýaraglary (ýadro, himiki we biologiki) üçin niýetlenen ok-däriler göz öňünde tutulmaýar.

17. Artykmaç we/ ýa-da ýok edilmegine garaşylýan adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklarynyň kategoriýalaryň we bölekleriň dürlüligini ýatdan çykarman, aşakdaky umumy kategoriýalary gollanma hökmünde belläp bolar (bu sanaw ileri tutulýan tertipde düzülen däldir):

i) ýeňil we atyş ýaraglary (ÝAÝ) üçin ok-däriler;
ii) raketalary goşmak bilen esasy ýarag ulgamlary we tehnikasy üçin ok-däriler;
iii) reaktiw snarýadlar;
iv) inženerçilik minalary we başga görnüşli minalar;
v) beýleki adaty ok-däriler, partlaýjy maddalar we partlaýjy enjamlar.

## Bölüm III. Artykmaçlyklaryň barlygynyň görkezijileri

18. Agza döwletleriň ätiýaçlyk gorunyň haýsydyr bir böleginiň artykmaç hasap edilmelidigi ýa-da edilmeli däldigi, şol döwletiň kanuny howpsuzlyk zerurlyklary esasynda kesgitlenýär. Adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň artykmaçlyklarynyň bardygyny kesgitlemekde, agza döwlet aşakdaky görkezijileri göz öňünde tutup biler:

i) Harby, harbylaşdyrylan we howpsuzlyk güýçleriniň, şeýle hem polisiýanyň gullukçy sany, gurluşy, üpjünçiligi we operatiw konsepsiýasy; geosyýasy we geostrategiki konteksti, şol sanda döwletiň çäginiň ululygy we ilat sany;



ii) içerki we daşarky howpsuzlyk ulgamynyň ýagdaýy;

iii) halkara borçnamalary, şol sanda halkara parahatçylygy goraýyş amallaryna gatnaşmak;

iv) milli düzgünlere we tejribelere laýyklykda harby maksatlar üçin mundan beýläk ulanylmaýan ýaraglar üçin adaty ok-däriler, partlaýjy maddalar we partlaýan enjamlar.

19. Peýdaly bolup biljek goşmaça görkezijiler, ÝHHG-nyň ÝAÝ ulgamynda iň oňat tejribe boýunça gollanmalar Ýygyndysynda berilýär.

**Bölüm IV Ätiýaçlyklary dolandyrmak we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek**

20. Agza döwletler artykmaç ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklary bilen baglanyşykly töwekgelçiligiň köplenç saklamak üçin howpsuz we amatsyz şertler bilen baglanyşyklydygyny ykrar edýärler. Şoňa görä-de, ätiýaçlyk gorlarynyň howpsuzlygynyň göz öňünde tutulmalydygy we partlamalaryň we daşky gurşawyň hapalanmagynyň, şeýle hem ogurlyk, korrupsiýa ýa-da geleňsizlik sebäpli ýitgileriň öňüni almak üçin howpsuzlygy, şol sanda fiziki howpsuzlygy üpjün etmegi maksat edinýän adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýjy enjamlaryň ätiýaçlyklaryna degişli milli gözegçiligiň zerurdygy bilen ylalaşýarlar.

21. Artykmaçlyklaryň töwekgelçiligiň çeşmesi hasaplanmalydygyna ýa-da hasaplanmaly däldigine baha berlende, gatnaşyjy döwlet aşakdaky görkezijileri ulanyp biler:

i) ätiýaçlyklarynyň ýerleşýän ýerleriniň aýratynlyklary;

ii) saklanýan ýerleriň infrastrukturasynyň aýratynlyklary;

iii) ammar desgalarynyň ygtybarlylygy we sygymlylygy;

iv) adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň ýagdaýy;

v) elýeterlilige gözegçilik çäreleri;

vi) adatdan daşary ýagdaýlarda ýeterlik goragy üpjün etmäge taýýarlyk;

vii) gorap saklamak boýunça howpsuzlyk çäreleri we beýleki fiziki gorag çäreleri;



viii) ätiýaçlyklary dolandyryş amallarynyň we inwentar hasabyny ýöretmegiň tertibi;

ix) ýitirilen ýa-da ogurlanan halatynda ulanylýan sanksiýalar;

x) islendik ýitgi barada gyssagly habar bermek we ýitirilen zady yzyna gaýtarmak amallarynyň tertibi;

xi) adaty ok-därileri, partlaýjy maddalary we partlaýan enjamlary daşamak üçin howpsuzlygyň iň ýokary derejesini üpjün etmegiň amallary;

xii) ätiýaçlyk gorlaryny netijeli dolandyrmak we howpsuzlyk amallary boýunça işgärleri taýýarlamak;

xiii) gözegçilik etmek we barlamak wezipelerini amala aşyrmak üçin ulgam.

22. Şeýle çäreleriň näderejede durmuşa geçirilmegi, artykmaç we / ýa-da ýok edilmegine garaşylýan adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň barlygy bilen bagly töwekgelçiligi ň möçberini görkezip biler.

**Bölüm V Zerurlyklara we kömege degişlilikde aýdyňlyk**

23. Degişli agza döwlet ýokarda III we IV bölümlerde görkezilen ölçegleri, artykmaç adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyk gorlarynyň mukdaryny we bu ätiýaçlyklaryň howpsuzlyga howp salýandygyny ýa-da howp salmaýandygyny hem-de bu töwekgelçilige garşy durmak üçin daşarky kömegiň gerekdigini ýa-da gerek däldigini kesgitlemek üçin jogapkärdir.

24. ÝHHG sebitindäki artykmaç ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklaryny göz öňünde tutanyňyzda maglumat ýygnamak möhüm ähmiýete eýedir. Agza döwletlere degişli kömegiň berilmegi üçin, haýyş bilen ýüz tutýan döwlet tarapyndan doldurylmaly adaty formatdaky soragnama (anketa) ulanylmaly.

25. Maglumat ýygnamak, bar bolan serişdeler we/ýa-da bilermenler kuwwaty barada umumy düşünje almak üçin möhümdir. Şol sebäpli, kömek/donorçylyk kömegini berýän agza döwletler tarapyndan hem, maksadalaýyk hasap edilende adaty soragnamany jogap görnüşinde doldurmagy maglumat hökmünde bermek maslahat berilýär.

26. Kömek üçin ýüztutmalar, şeýle hem potensial kömegini/donor ýardamyny berip biljek döwletleri tarapyndan agzalan soragnamalar arkaly berilýän maglumatlar ähli agza döwletlere we Jedelleriň öňüni alyş merkezine (JÖAM) ugradylar. Kömek soraýan we kömek/donor ýardamyny berýän döwletler bu iş bilen baglanyşykly goşmaça maglumatlary hem berip bilerler.



**A) Ýüz tutýan döwlet tarapyndan berilýän maglumat**

27. Ýüz tutýan döwlet tarapyndan berilmeli maglumatlar aşakdaky elementleri öz içine alar (I goşundyda berlen nusgawy sowalnama serediň):

i) adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýan enjamlaryň her görnüşiniň häsiýeti, mukdary we tehniki aýratynlyklary;

ii) ätiýaçlyklaryň ýerleşýän ýeri;

iii) ätiýaçlyklaryň howpsuzlygy (olary dolandyrmak we olaryň ýagdaýy);

iv) töwekgelçiligiň häsiýeti we derejesi (ilat/daşky gurşaw üçin, rugsatsyz giriş/ ogurlyk bilen bagly gowşaklyk we ş.m.);

v) hadysalar; ýerli ilata/daşky gurşawa bolan howpuň häsiýeti we derejesi; görülen çäreler;

vi) ätiýaçlyklary ýok etmek/dolandyrylyşyny gowulandyrmak babatyndaky meýilnamalar;

vii) öz serişdeleriň bolmagy;

viii) soralýan kömek;

ix) eýýäm soralan we/ýa-da berlen ikitaraplaýyn köptaraplaýyn kömek barada jikme-jik maglumat;

x) habarlaşmak üçin şahsyň ady, salgysy we wezipesi;

xi) goşulýan resminamalaryň sanawy.

**B) Kömegi/donor goldawyny berýän döwlet tarapyndan berilýän maglumat**

28. Kömek edýän/donor goldawyny berýän döwlet tarapyndan berilýän maglumatlar aşakdaky elementleri öz içine alar (II goşundyda berlen nusgawy sowalnama serediň):

i) bar bolan pul serişdeleriniň möçberi;

ii) ileri tutulýan ugurlar;

iii) pul serişdeleri ulanmak üçin şertler ýa-da çäklendirmeler;



iv) bar bolan bilermenler/bilimler we başarnyklar;

v) bar bolan beýleki serişdeler.

## Bölüm VI Kömegiň göwrümi we prosedurasy

29. Artykmaç ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklary bilen abanýan howp töwekgelçiligini kesgitlän we kömege mätäç bolan islendik Agza döwlet, ÝHHG-nyň üsti bilen halkara jemgyýetçiligine kömek üçin ýüz tutup biler.

30. Agza döwletler II, III bölümlerde görkezilişi ýaly, adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we/ýa-da partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklarynyň bar bolandygy bilen bagly töwekgelçilige garşy göreşmek üçin agza döwletler tarapyndan berilýän tehniki, maliýe, maslahat beriş we beýleki kömekleriň meýletin esasda berilmegini ýerlikli hasaplaýarlar.

**A) Kömegiň mukdary**

31. Maliýe kömegi döwletlerden haýyş edip kesgitlenen zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin möhümdir. Ol hemişe meýletin häsiýetli bolar. V (Ä) bölüminde görkezilen maglumat alyş-çalşygy we VI (B) bölüme laýyklykda geçirilen bilermenler bahalandyrmasy arkaly toplanan maglumatlaryň bir ýere jemlemek teklip edilýän taslamalaryň maliýe taýdan amala aşyrmak mümkinçiligini aýdyň görkezmelidir. Islendik taslamany maliýeleşdirmek mehanizmi, kömek/donor ýardamyny berýän döwletleriň, haýyş bilen ýüz tutýan döwletiň we beýleki agza döwletleriň arasyndaky geňeşmeler arkaly işlenip düzülmelidir. Degişli ýagdaýlarda, maliýe mehanizmi beýleki halkara guramalarynyň serişdelerini, esasan hem degişli maksatnamalary bar bolanlaryň ulanmagy öz içine alyp biler.

32. Kömek şeýle hem şu aşakdakylary öz içine alyp biler:

i) ÝHHG sebitinde agza döwletler tarapyndan kesgitlenen zerurlyklar, şeýle hem ýokardaky V bölümde görkezilen sowalnamalary ulanyp, kömek üçin serişdeleri ýygnamak;

ii) töwekgelçilige baha bermek we ätiýaçlyklary dolandyrmak we ýok etmek boýunça maslahatlary bermek;

iii) artykmaçlary ýok etmek ýa-da dolandyryşy kämilleşdirmek üçin maksatnama düzmäge ýardam bermek. Bu talap edilýän amallaryň gerimine we häsiýetine, zerur



tehniki serişdelerine, degişli howpsuzlyk çärelerine we beýleki zerur serişdelerine baha bermegi öz içine alar;

iv) belli bir ýagdaýa deslapky baha bermek üçin niýetlenen köpmilletli bilermen kömeginiň toparlaryny döretmek arkaly ýüz tutýan döwlete taslamanyň suduryny kesgitlemekde kömek bermek (tehniki-ykdysady esaslandyryşdan öňki tapgyr). Bu iş beýleki halkara gatnaşyjylar bilen bilelikde hem amala aşyrylyp bilner;

v) ýüz tutýan döwlete adaty ok-därileri, partlaýjy maddalary ýa-da partlaýan enjamlary ýok etmäge, şeýle hem ätiýaçlyk gorlaryny dolandyrmaga we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge  gatnaşýan işgärleri taýýarlamakda berilýän kömek.

33. ÝHHG aşakdaky wezipelerden ybarat bolan utgaşdyryjy merkez bolup çykyş etmelidir:

i) täwekgelçilik döredip, şonuň üçin hem kömege mätäç bolan islendik agza döwlete öz çäklerinde artykmaç we/ýa-da ýok edilmege garaşýan ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň we partlaýan enjamlaryň barlygy barada habar etmek mümkinçiligini bermek;

ii) degişli ýüztutma esasynda kömek we baha bermek üçin missiýalary ibermek. Bu çäreler haýyş edýän döwlet bilen ýakyn utgaşyklykda amala aşyrylar we zerur bolan ýagdaýynda maksadalaýyk bolanda beýleki (halkara) guramalar bilen utgaşdyrylyp bilner;

iii) ýygnalan maglumatlary merkezleşdirilen usulda saklamak üçin arhiw döredilmeli;

iv) kömek soralan ýagdaýlarda, ýüz tutýan döwlet bilen utgaşyp, işiň gidişine gözegçilik etmek;

v) ýüz tutýan döwletler, kömegi/donor goldawyny berip bilýän döwletler we bu ugurdaky beýleki (halkara) gatnaşyjylar bilen maglumat alyş-çalşyny üpjün etmek, tagallalary birleşdirmek we aragatnaşygy saklamak.

34. ÝHHG-nyň ýerlerde geçirýän amallary, mandatlaryna baglylykda, geçmişde şuňa meňzeş meseleler bilen baglanyşykly käbir amallaryň tejribesini çekip, işleriň ýerine ýetirilmegini aňsatlaşdyrmakda orna eýe bolup biler

**B) Tertip (Prosedura)**

35. Agza döwletiň kömek üçin ýüztutmasyna garamagyň tertibi aşakdakylardan ybarat bolar (III goşundydaky surata serediň):



i) Ýüz tutulan haýyşa ÝHHG-niň ilkinji jogaby hökmünde HFG-nyň (Howpsuzlygyň Federal Gullugy) Başlygy, HFG-nyň Üçlügi (Troýka) we Hereket edýän Başlyklyk bilen ýakyn hyzmatdaşlykda maslahatlara başlaýar, maksadalaýyklykda HFG-ny habardar HFG-nyň etmek arkaly we goşmaça maglumat/ýa-da düşündiriş babatynda ýüz tutýan agza döwlet bilen habarlaşyp biler. Bu hem, haýyş bilen ýüz tutýan döwletiň degişli çakylygy alnan halatynda, ilkinji sapary guramagy öz içine alyp biler, bu saparyň çäklerinde deslapky tehniki-ykdysady esaslandyryş geçirilip bilinýär. Kömegi/donor goldawyny berip biljek döwletleri kesgitlemek maksady bilen, şeýle hem ÝHHG-nyň degişli guramalary we

unstitutlary bilen aragatnaşyklary guramak üçin maslahatlar geçirilýär. ÝHHG-iň JÖAM (Jedelleriň öňüni alyş merkezi) beýleki degişli halkara guramalary (HG) we degişli Hökümete degişli bolmadyk guramalar (HDDG) bilen aragatnaşyk saklamaga kömek edýär. Zerur bolan halatynda, JÖAM HFG-nyň Başlygyna we Hereket edýän Başlyklyga ýüz tutulan haýyşa jogap bermekde tehniki kömek berýär;

ii) kömek üçin ýüz tutulan haýyşa jogap hökmünde bir ýa-da birnäçe bilermenler bahasyny bermek üçin saparlary geçirmek peýdaly bolup biler. Ondan soňky geçiriljek tehniki baha beriş saparlary, gyzyklanma döredýän döwletler tarapyndan üpjün edilen işgärlerden düzülen bilermenler topary tarapyndan amala aşyrylar. Bu bilermen toparlaryna beýleki halkara guramalarynyň we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň wekilleri girip biler. ÝHHG-niň proseduralaryna laýyklykda maliýeleşdiriljek baha beriş saparlary, ýüz tutýan döwletiň razyçylygy we onuň bilen ýakyn hyzmatdaşlykda amala aşyrylar. Eger haýyş bilen ýüz tutýan döwletde ÝHHG-niň meýdan (ýerlerde) amallary geçirilýän bolsa, ÝHHG-niň meýdan amallary, zerur we maksadalaýyk bolan halatynda maslahat we baha beriş işine hem gatnaşyp biler. Bahalandyryş işiniň ahyrynda gutarnykly hasabat taýýarlanýar;

a) Bilermenler topary ýagdaýa şeýle nukdaýnazardan baha berýär:

1) ätiýaçlyklaryň düzümi (adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýan enjamlaryň häsiýeti we görnüşi, olaryň mukdary);
2) howpsuzlyk we gorag şertleri, şol sanda ätiýaçlyklaryň dolandyryşy bilen baglanyşykly aspektleri goşmak bilen;
3) bu ätiýaçlyklar tarapyndan döredilýän töwekgelçilige baha bermek;

b) haýyş bilen ýüz tutýan döwlete, şeýle hem HFG-yna we Hemişelik Geňeşe (HK) iberilýän baha beriş hasabatynda aşakdakylara degişlilikde çäre görmek üçin teklipler giriziler:



1) ýok edilmäge degişli ätiýaçlyklaryň bir bölegi;

2) ulanylmaly proseduralar we howpsuzlyk talaplary;

3) çykdajylara we beýleki netijelere baha bermek;

4) saklanyş şertleri we fiziki howpsuzlygy üpjün etmek;

5) has gaýra goýulmasyz çäreler;

iii) maslahat we baha berişden soň, HFG kömek bermek boýunça ýüz tutmasyny kanagatlandyrmagyň operatiw we maliýe netijelerine seredýär. Eger-de teklip edilýän kömegiň ýerine ýetirilmegi ÝHHG-niň ýerlerdäki bar bolan amallarynyň häzirki işiniň mandatyna üýtgetmeler girizmegi talap edýän bolsa ýa-da ÝHHG üçin maliýe täsiri bar bolsa, onda HFG HK bilen geçirilýän maslahatlaşmalar esasynda, HK tarapyndan kabul etmek üçin kararyň taslamasyny taýýarlaýar;

iv) ýokarda görkezilen tapgyrlaryň dowamynda toplanan maglumatlaryň esasynda, kömegi/donor goldawyny berýän döwletler we haýyş bilen ýüz tutýan döwlet, onuň maliýe zerurlyklary barada jikme-jik maglumatlary öz içine alýan taslamanyň doly meýilnamasyny düzmek üçin taslama toparyny döredýärler we JÖAM maksadalaýyklykda degişli utgaşdyryjy goldawyny berýär. Taslama meýilnamasy kömegi/donor ýardamyny berýän döwletler we haýyş bilen ýüz tutýan döwlet bilen ylalaşylandan soň, maglumat üçin HFG-na we degişli ýagdaýlarda tassyklamak üçin Hereket edýän başlyklyga, zerur bolan ýagdaýynda HG bilen ýakyn aragatnaşykda ugradylýar;

v) Taslama topary taslama meýilnamasyny durmuşa geçirýär we onuň ýerine ýetirilýän döwüründe yzygiderli maglumat kömegi/donor goldawyny berýän döwletlere we haýyş bilen ýüz tutýan döwlete, şeýle hem HFG, HG we ÝHHG-niň ýerlerdäki amallaryna, eger-de olar gatnaşýan bolsa, berýär;

vi) taslama tamamlanylandan soň, taslama toparynyň ýolbaşçysy HFG we HG netijeler barada gutarnykly hasabaty iberýär. Bu hasabatda esasy üns öwrenilen sapaklara we soňra dowam etdirip boljak çärelere berilýär;

vii) ilkinji geňeşmelerden soň, ÝHHG-niň soňraky gönüden-göni gatnaşmagyndan ýüz öwürmek kararyna gelip bilner. Şeýle karar haýyş bilen ýüz tutýan döwlet bilen donoryň arasyndaky aýratyn ylalaşygyň netijesi bolup biler. Eger-de ÝHHG-niň gönüden-göni gatnaşmagy göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda, HFG-nyň Başlygy Hereket edýän Başlyklyk bilen utgaşyp we JÖAM-iň kömegi bilen, haýyş bilen ýüz tutýan döwletiň potensial donorlarlar, beýleki döwletler, sebitleýin ýa-da halkara guramalar ýa-da hökümete degişli däl guramalaryň arasyndaky



gatnaşyklary ýeňilleşdirýär. Görülen çäreler barada hasabat HFG we HG-e tabşyrylýar.

**Bölüm VII. Jemleýji düzgünler**

36. JÖAM adaty ok-däriler, partlaýjy maddalar we partlaýan enjamlar bilen bagly soraglar boýunça ÝHHG we beýleki halkara guramalar we institutlar bilen aragatnaşyk nokady hökmünde çykyş eder. Agza döwletler meýletin esasda ÝHHG-niň wekiliýetlerinde we paýtagtlarda adaty ok-däri, partlaýjy maddalar we partlaýan enjamlar bilen bagly soraglar bilen işleýän habarlaşmak üçin şahslaryň atlaryny berip bilerler. Habarlaşmak üçin şahslaryň sanawy JÖAM tarapyndan ýöredilер.

37. Agza döwletler şu resminamanyň ulanyş çägini, mazmunyny we ýerine ýetirilişini yzygiderli gözden geçirmegi dowam etjekleri barada razylaşýarlar.

38. Howpsuzlyk pudagynda hyzmatdaşlyk forumy adaty ok-därileri, partlaýjy maddalary we partlaýan enjamlary ýok etmek, dolandyrmak we gözegçilikde saklamak usullary we proseduralary boýunça “iň oňat tejribe” gollanmasyny işläp taýýarlamagy göz öňünde tutar. Bu resminama üstesine-de, artykmaçlyklaryň we töwekgelçiligiň barlygynyň görkezijilerini, ätiýaçlyklary degişli dolandyrmagyň ölçeglerini we proseduralaryny, haýsy ätiýaçlyklaryň ýok edilmelidigini kesgitlemekde ulanylmaly düzgünleri, ýok etmegiň standartlary we tehniki proseduralaryny öz içine alar.

39. Bu resminamanyň teksti, Guramanyň alty resmi dilinde neşir ediler we her bir Agza döwlet tarapyndan ýaýradylar. Ol şeýle hem ÝHHG-niň meýdan (ýerkerdäki) amallaryna ugradylar.

40. ÝHHG-niň Baş Sekretaryna bu resminamany hyzmatdaşlyk boýunça hyzmatlaşlaryň hökümetlerine (Koreýa Respublikasy, Taýland, Ýaponiýa we Owganystan), şeýle hem hyzmatdaşlyk boýunça Ortaýer deňzi hyzmatdaşlaryna (Alžir, Müsür, Ysraýyl, Iordaniýa, Marokko we Tunis) ýetirmek tabşyrylýar.

41. ÝHHG-niň Baş sekretaryndan bu resminamany Birleşen Milletler Guramasyna ýetirmek tabşyrylýar.

42. Bu resminamada görkezilen ýörelgeler we proseduralar syýasy taýdan hökmanydyr we bu resminama kabul edilenden soň güýje girer.

Goşundy I

## ÝÜZ TUTÝAN DÖWLET ÜÇIN NUSGAWY SOWALNAMA

1. Adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýan enjamlaryň haýsy artykmaçlyklar barada gürrüň edilýär?

Bu bentde ýüz tutýan döwletler her kategoriýa üçin aşakdaky ýaly parametrleri görkezilýar;

- artykmaçlyklaryň düzümi (oklar, top oklar we ş.m.);
- mukdar;
- artykmaçlyklaryň ýagdaýy (möhleti geçen, zaýalanan, poslan we ş.m.);
- ýerleşýän ýeriniň geografiki beýany.

2. Bu artykmaçlyklaryň bolmagy bilen baglanyşykly töwekgelçiligiň we howpuň häsiýeti we derejesi nähili?

Bu artykmaçlyklaryň bolmagy bilen ýüze çykýan töwekgelçiligiň we howpuň häsiýetine we derejesine umumy baha bermek aşakdakylary öz içine almalydyr:

- degişli ätiýäçlyklaryň ýagdaýy, şol sanda daşky gurşaw aspektleri (esasan hem ýerli ilata täsiri), şeýle hem sabotaždan, ogurlykdan, rugsatsyz girmekden, terrorçylykdan we beýleki islendik jenaýatçylykly hereketlerden fiziki gorag çäreleri;
- degişli artykmaçlyklaryň howpsuz saklanmagy, şol sanda olaryň ýagdaýy, tehniki faktorlary (mysal üçin, adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýjy enjamlaryň tebigy darmagynyň ýa-da zaýalanmagynyň tizligi) we ammar desgalarynyň tehniki ýagdaýy;

- saklamagy dolandyrmak we saklanyş şertleri;

- soňky wagtdaky wakalar/heläkçilikler we görülýän çäreler barada jikme-jik maglumatlar.

3. Bu ätiýaçlyklar babatynda haýyş bilen ýüz tutýan döwletiň niýeti näme?

Bu ýerde haýyş bilen ýüz tutýan döwletler bu ätiýaçlyklary aşakda görkezilenler babatynda maksat edinýändiklerini ýa-da ýokdugyny görkezmeli:

- ýok edilmegi; ýa-da

- baha beriş wagtynda ýüze çykarylan töwekgelçilikleri we howplary ýok etmek üçin saklamak şertlerini gowulandyrmak.

4.	Haýsy serişdeler bar?

Bu bent ýüz tutýan döwletlerden olarda bar bolan serişdeleriň häsiýetini, mukdaryny we mümkinçiligini görkezmek üçin niýetlenendir, şeýle hem olary nähili usulda:

- häzirki wagtda ýüze çykarylan käbir meseleleriň garaşsyz çözülmegi üçin ulanmak;

- kömek bermek boýunça daşary ýurt toparlaryna elýeterli etmek.

Mysal üçin:
- adaty ok-därileri, partlaýjy maddalary we partlaýan enjamlary ýok etmek ýa-da saklamak bilen gönüden-göni baglanyşykly tehniki serişdeler;

- dürli zerur çäreleri (ulag, işgärleri ýerleşdirmek we ş.m.) goldamak üçin beýleki ähli maddy-tehniki serişdeleri;

- mümkin bolan maliýe goşandy.

5.	Nähili kömek soralýar?

Dürli töwekgelçilikleri we howplary nazara almak we ýokarda agzalan serişdeleriň barlygyny hasaba almak bilen, haýyş bilen ýüz tutýan döwletler şu bentde zerur bolan kömegiň görnüşini beýan etmeli. Bu ýerde gürrüň meselem aşakdakylar barada gidip biler:

- töwekgelçilige jikme-jik baha bermek;

- degişli ätiýaçlyklary ýok etmek boýunça maksatnamany işläp düzmek;

- bu ätiýäçlyklary ýok etmek;

- ätiýaçlyklaryň dolandyryşyny gowulandyrmak we olaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak;
- ätiýäçlyklary ýok etmäge ýa-da dolandyrmagyny gowulandyrmaga we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge gatnaşýan işgärleri taýýarlamak;

- habardarlygy ýokarlandyrmak maksatnamasyny durmuşa geçirmek.

6.	Eýýäm soralan we/ýa-da berlen ikitaraplaýyn/köptaraplaýyn kömek barada jikme-jik maglumat.

7.	Habarlaşmak üçin şahs (HŞ) kim bolup durýar?

Habarlaşmak üçin şahsyň familiýasy, wezipesi we salgysy, telefon we faks belgileri, şeýle hem bar bolan ýagdaýynda, elektron salgysy görkezilmelidir.

8. Başga islendik maglumat.

Goşundy II

**KÖMEGI/DONOR GOLDAWYNY BERÝÄN DÖWLET ÜÇIN NUSGAWY SOWALNAMA**

1. Nähili pul serişdeleri bar (elýeterli)?

Aslynda bu kömegi/donor goldawyny berýän döwletler tarapyndan ýerine ýetirilýän kömek maksatnamalaryny maliýeleşdirmek üçin bar bolan serişdeleriň mukdaryny, şeýle hem bu serişdeleri ulanmagyň ileri tutulýan ugurlaryny, şertlerini ýa-da çäklendirmelerini görkezýär.

2. Haýsy ugurlarda bilermenlik tejribesi bar?

Kömegi/donor goldawyny berýän döwletler bu ýerde adaty ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partlaýan enjamlaryň ätiýaçlyklary bilen baglanyşykly aşakdaky ugurlarda kömek etmek üçin anyk tejribelerini mümkin boldugyça görkezer:

- töwekgelçilige baha bermek;

- ýok etmek maksatnamalaryny işläp düzmek we bu maksatnamalaryň gidişine gözegçilik etmek;

- ätiýaçlyklary dolandyrmak;

- ýerli ilat we daşky gurşaw üçin ätiýaçlyklarynyň howpsuzlygy;

- adaty ok-därileri, partlaýjy maddalary ýa-da partlaýan enjamlary ýok etmek ýa-da ätiýaçlyklary dolandyryş bilen baglanyşykly işlere gatnaşjak işgärleri taýýarlamak.

Olar bu bilermenler kuwwadyny ulanmak we bilermenleriň gatnaşmagynda ileri tutulýan ugurlar we şertler ýa-da çäklendirmeler barada habar bererler.

3. Başga haýsy serişdeler bar?

Öňki bent bilen deňeşdirilende, kömegi/donor goldawyny berýän döwletler bu ýerde bar bolan dürli serişdeleri we ulanmagyň ileri tutulýan ugurlaryny, şertlerini we çäklendirmelerini görkezýär.

4. Habarlaşmak üçin şahs (HS) kim bolup durýar?

Habarlaşmak üçin şahsyň familiýasy, wezipesi we salgysy, telefon we faks belgileri, şeýle hem bar bolan ýagdaýynda, elektron salgysy görkezilmelidir.

5. Başga islendik maglumat.

Goşundy III

## ŞEKILLENDIRME: KÖMEK BERMEK HAKYNDA ÝÜZTUTMA SEREDILMEDIŇ PROSEDURASY

**Kömek bermek hakynda ýüztutma** (haýyşyň görnüşi düzgünleşdirilmeýär)
- Jikme-jik maglumat ýüztutma bilen bilelikde bolmaly sowalnamada berilýär.

**Ýüztutma boýunça geçirilýän maslahatlaşmalar**: zerur bolan ýagdaýynda HHF-yň Başlygy (Üçlük) Hereket edýän Başlyklyk bilen ýakyn hyzmatdaşlykda geçirilýär.
- Haýyş bilen ýüz tutýan döwlete goşmaça maglumat/düşündiriş almak üçin ýüz tutulyp bilner; ýüz tutýan döwlet başlangyç sapary geçirmegi teklip edip biler.
- Kömegi/donor goldawyny berip bilýän döwletleri kesgitlemek we olar bilen aragatnaşygy ýola goýmak.
- JÖAM beýleki HG we döwlete degişli däl guramalary bilen aragatnaşyk saklamaga kömek edýär.
- Zerurlyk ýüze çykanda, ÝHHG-niň beýleki guramalary bilen aragatnaşyklary saklamak.
JÖAM ähli tapgyrlarda tehniki kömegi bermegi amala aşyrýar

(fakultatiw tertipde, gaýtalanyp bilner).

**Bilermen bahalandyrmagy boýunça saparlary geçirmek**
- Gyzyklanma döredýan döwletleriň işgärleri.
- HG we döwlete degişli däl guramalarynyň işgärleriniň gatnaşmagy mümkindir.
- Ýüz tutýan döwlet bilen hyzmatdaşlyk.
**Baha bermek hasabatyny tabşyrmak**
- ýüz tutýan döwlete, HHF, HG.

**Operatiw/maliýe netijeleri kesgitlemek**
- HHF operatiw/maliýe netijeleri gözden geçirýär.
- HG-iň mümkin boljak karary (zerur bolan ýagdaýynda – ýerlerdäki amallaryň mandaty; goşmaça býujet; meýletin gaznany döretmek we ş.m.)

**Taslamanyň doly meýilnamasyny düzmek**
- JÖAM-nyň kömegi bilen Donorlar we ýüz tutýan döwlet taslama toparyny döredýärler.
- Donorlar bilen ýüz tutýan döwletiň arasynda ylalaşyk.
- Taslamanyň meýilnamasyny HHF we Hereket edýän Başlyklyga tabşyrmak

**Taslama meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegi**
- Işleriň gidişi (häzirki wagtda) barada maglumat donorlara, ýüz tutýan döwlete, HHF, HG ugradylýar.

**ÝHHG-niň gönüden-göni gatnaşmazdan**
- Ýüz tutýan döwlet bilen donoryň arasynda aýratyn ylalaşyk bolup biler.

- ÝHHG potensial donorlar bilen bolan gatnaşyklary ýeňilleşdirmeli (döwletler, beýleki HG we döwlete degişli däl guramalary).

**HHF/ HG öňündäki jemleýji hasabat**
- ÝHHG-niň resmi çärelerini tamamlaýar.
- Öwrenilen sapaklar we soňraky dowam etdirip boljak çäreler.